**Ýaponiýa döwletiniň Sukuba uniwersiteti 2022-nji ýylyň oktýabr aýynda başlanjak "Ýaponiýa we Ýewraziýa sebitlerini öwreniş" boýunça magistr okuw maksatnamasyna dalaşgärleri okuwa kabul edýär.**

**Bu magistr okuw maksatnamanyň esasynda Merkezi Aziýada we Azerbaýjanda durnukly ösüş maksatlary bolup, okuw bilen baglanyşykly ähli çykdajylar (okuw tölegi, talyp haky we ýol bilen baglanyşykly çykdajylar) Ýaponiýa döwletiniň Nippon gaznasy tarapyndan doly maliýeleşdirilýär.**

**Dalaşgärlere bildirilýän talaplar:**

- ***Raýatlygy***: Gazagystan, Özbegistan, Gyrgyzystan, Türkmenistan, Täjigistan, Azerbaýjan
- ***Bilimi***: ýokary hünär biliminiň birinji derejesi (bakalawr diplomy, ýokary hünär bilimli hünärmeniň diplomy) we umumy orta bilimini hasaba almak bilen azyndan 16 ýyllyk okuw tejribesi bolan dalaşgärler
- ***Dil ukyplary***: dalaşgärler özleriniň iňlis diliniň derejesini tassyklamak üçin iňlis dili boýunça geçen halkara testleriniň netijelerini tabşyrmalydyr (azyndan TOEFL iBT 80, TOEFL CBT 230, TOEFL PBT 500, IELTS 6.0). Mundan daşary, ýapon dilini hem bilýän dalaşgärleriň artykmaçlygy bar (azyndan JLPT N5 we ondan ýokary).

**Okuw ýylynyň başlanjak senesi:** 2022-nji ýylyň 1-nji oktýabry

**Okuw dili:** iňlis

**Okuw möhleti:** 1,5 ýyl

**Dalaş etmegiň birinji tapgyry:** bellenilen nusgadaky deslapky sowalnamany doldurmaly we **2022-nji ýylyň 15-nji ýanwaryna** çenli indiki electron poçtanyň adresine ugratmaly: spca-info@ml.cc.tsukuba.ac.jp

**Dalaş etmegiň ikinji tapgyry:** söhbetdeşlik (birinji tapgyrdan üstünlikli geçen dalaşgärlerden olary goldaýan resminamalary tabşyrmaklyk talap ediler)

Maglumat we deslapky sowalnamany almak üçin okuw maksatnamanyň internet sahypasyna ýüzleniň: http://www.chiiki.tsukuba.ac.jp/spca.html

**Habarlaşmak üçin:**

SPJES, Special Program in
Japanese and Eurasian Studies
Graduate School of Business Sciences,
Humanities and Social Sciences
University of Tsukuba
Tennodai 1-1-1, Tsukuba-shi, Ibaraki-ken JAPAN
305-8571
E-mail: spca-info@ml.cc.tsukuba.ac.jp

SPJES, Ýaponiýa we Ýewraziýa sebitlerini
öwreniş boýunça ýörite maksatnama
Işewürlik, durmuş-ynsanperwerlik we
jemgyýeti öwreniş ylymlary fakulteti
Sukuba uniwersiteti
Tennodai 1-1-1, Sukuba, Ibaraki ÝAPONIÝA
305-8571
E-mail: spca-info@ml.cc.tsukuba.ac.jp